# Oba. Ýaz gijesi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Oba. Ýaz gijesi OBA. ÝAZ GIJESI



Bu gije negözel asman keşdesi,
Utanyp baglara siňipdir tümlük.
Ýöne bilmen şatlyk pasly geçdimi,
Göwnüme gam-gubar giripdir sümlüp.
Hut ýaňy bir gyzyň gözüniň ýaşy
Aýyň ýagtysyna buldurap gitdi.
Ýüregimi gyýyp, owadan naşy

Ykbal gijelikde gözümden ýitdi.

Adamlar derýadyr goşar özüne,
Kenarlarda ýitip gitmez ýaňky dür.
Ýöne gussa degdi birniň ýazyna
Hemem bir göwüniň bir künji boşdur.

Dostuň ýada düşýär gözleriň solsa,
Adam bir-birine şatlykdyr, gamdyr.
Eger dünýämizde boşluk bar bolsa,
Tapylmadyk ýa ýitirlen adamdyr.

Mämmetnazar BABANAZAROW. Goşgular